# Aýdere

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 21 января, 2025
Aýdere AÝDERE

Ümürler, dumanlar, lemmer bulutlar,
Dynjyn almak üçin çöküpdir ýere.
Şatlykdan-şowhundan zemin boluplar,
Garry-çal gaýalañ batypdyr dere,
Aýdere, Aýdere, gözel Aýdere!

Gaýalar gallapdyr deräñ degresin,
Öñ etegi daşly gujagyn gere.
Dileg etdim: «Nowruz gary degmesin,
Gaty ir patraklan bu eriklere»,
Aýdere, Aýdere, gözel Aýdere!

Başy göge ýetjek, hozdur derekler,
Baky saýyl bakýar uzak bir ýere.
Uly ýürek kiçi göwün gerekdir,
Bu çäksiz söýgiñi kabul edere,
Aýdere, Aýdere, gözel Aýdere!

Bir şadyýan, bir perişan duýgy sen,
Säherki çyglaryñ nusgadyr zere.
Sen kabul edilen ajap söýgi sen,
Gör, haýsy ýürekden gaçdyñ bu ýere,
Aýdere, Aýdere, gözel Aýdere!

Ahmet GURBANNEPESOW. Goşgular